# Syýahatnama: Eýran we Horasan

Category: Kitapcy,Ýol ýazgylary
написано kitapcy | 23 января, 2025
Syýahatnama: Eýran we Horasan **SYÝAHATNAMA**

*Ibn Fazlanyň «Syýahatnamasy» dünýäniň ençeme dillerine terjime edilip, gadymy maglumatlary özünde jemleýän iň seýrek taryhy eser hasaplanýar. Bu kitap Apbasy halypasy Muktadyryň Sakalyp hökümdaryna ýollan ilçisi Ahmet ibn Fazlan ibn Apbas ibn Reşit ibn Hammadyň ýazan eseridir. Ýazar Bagdada gelenden soňra syýahat eden ýerlerini, başdan geçiren geň-taň wakalaryny, oguzlaryň, bulgarlaryň, başgyrtlaryň we ruslaryň edim-gylymlaryny bir ýere jemläp, arap dilinde «Syýahatnama» («er-Rihle») atly kitap ýazypdyr.*

**▶ IBN FAZLANYŇ «SYÝAHATNAMA» ESERI**

Ibn Fazlanyň «Syýahatnamasy» dünýäniň ençeme dillerine terjime edilip, gadymy maglumatlary özünde jemleýän iň seýrek taryhy eser hasaplanýar. Bu kitap Apbasy halypasy Muktadyryň Sakalyp hökümdaryna ýollan ilçisi Ahmet ibn Fazlan ibn Apbas ibn Reşit ibn Hammadyň ýazan eseridir. Ýazar eserinde türkmen, hazar, rus, bulgar, başgyrt we beýleki milletler barada giňişleýin maglumat berýär.
Ahmet ibn Fazlanyň belläp geçişine görä, Bulgar (Sakalyp) hökümdary Ilteber Almyş ibn Şilki möminleriň emiri Muktadyra hat ýollaýar. Ol hatynda özlerine yslam dinini düşündirip, şerigatyň kada-kanunlaryny öwretjek adamlary ibermegi haýyş edipdir. Şeýle-de münberli metjit we duşmandan goranar gala gurmak üçin pul serişdesini ýollamagy sorapdyr. Onuň bu islegi halypa tarapyndan kabul edilýär. Şol döwürde diwan kätibi Ibn Fazlan ilçilige iberilýär. Ol Nyşapurdan Saragta, Saragtdan Merwe, Merwden Amula barýar. Ol Jürjanyýede üç aýdan gowrak bolandygyny belläp geçýär. Köneürgenjiň aýylganç sowugyny ýatlaýar. Jürjanyýe Köneürgenç şäheriniň gadymy ady. Jürjanyýe Ibn Fazlanyň döwründe Horezmiň söwda merkezi bolup, Kätden has

ähmiýetli hasaplanypdyr. Ol ýurduň esasy şäherleriniň biridir. Bu ýer yslam dünýäsiniň iň uly söwda merkezi hasaplanýardy. Köneürgençden Oguz, Hazar, Bulgar, Horasan, Mawerannahr hatda Ýewropa ýurtlaryna, Çyna we Hindistana söwda kerwenleri we gämiler gidýärdi. Ol demirgazyk we tropik ýurtlaryň harytlary üçin esasy söwda merkezi bolup hyzmat edýärdi. Onuň bu eserinde Merw bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlar berilýär. Bu eserde „Merw kaftany (don, geýim), Merw matalary – diýen ýaly setirler bar. Bu ýagdaý bize şol döwürde Merw önümleriniň dünýäde uly gyzyklanma döredendigini görkezýär. Ibn Fazlanyň syýahatnamasy etnografiki maglumatlary özünde jemleýän gymmatly eserdir.
«Syýahatnama» oguzlaryň myhmansöýerligini, birek-birege bolan hormatyny, däp-dessurlaryny öwrenmekde gymmatly çeşmedir. Ahmet ibn Fazlanyň özi we maşgalasy barada giňişleýin maglumat ýok. Eserden mälim bolşy ýaly, kätip Bagdada gelenden soňra syýahat eden ýerlerini, başdan geçiren geň-taň wakalaryny, oguzlaryň, bulgarlaryň, başgyrtlaryň we ruslaryň edim-gylymlaryny bir ýere jemläp, arap dilinde «Syýahatnama» («er-Rihle») atly kitap ýazypdyr.
Dünýäniň ençeme döwletlerinden türkmeniň geçmiş taryhy, edebiýaty, sungaty, medeniýeti bilen baglanyşykly seýrek golýazmalar ata Watanymyza getirilýär. Bu günki gün türkmen halky baý mirasyny öwrenmäge doly mümkinçilik bar. Ibn Fazlanyň «Syýahatnama» eseri Angliýanyň Oksford şäheriniň Bodlean kitaphanasyndaky Maşat nusgasynyň surat nusgasy ata Watanymyza getirildi.
Eserde Bagdatdan Sakalyba gelşi barada maglumat berilýär. Emma soňra Bagdada dolanyşy barada eserde maglumat ýok. Eserde käbir maglumatlar örän jaýdar beýan edilse, käbir ýerlerinde öte geçmeler hem ýok däl. Bu Ibn Fazlanyň şol kowumlaryň urp-adatlary bilen doly tanyş däldigi sebäpli bolmagy mümkin.
Mundan başga-da türkmenler barada ýazylan birnäçe eserler bar. Olaryň arasynda Soltan Sanjaryň döwründe Şeref-uz Zaman Merweziniň «Tabaýyg-ul haýawan», Abu Dulefiň «Syýahatnama», Abu Osman Jahyzyň «Fazail-ul Etrak», awtory näbelli «Hududul-älem» atly eserleriň atlaryny ýatlap geçmek mümkin.

Ibn Fazlan oguzlar gelen myhmanyň harajady bolmasa, oňa harajat berip ýola salýandygyny beýan edýär, olaryň bir Taňra uýýandygyny belleýär. Olar kynçylyga duçar bolsalar ýa-da halamaýan zadyny görseler, başyny asmana galdyryp, «Bir Taňry!» diýýändiklerini ýazýar. «Türki dilde «bir» sözi arapça «wahytdyr», «Taňry» sözi arap dilindäki «Alladyr»
diýip belläp geçýär. Ibn Fazlanyň bu eseri hem türkmen taryhyny, medeniýetini, däp-dessurlaryny ylmy esasda öwrenmekde ygtybarly çeşmeleriň biri bolar.

Rahymmämmet KÜRENOW,
TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň bölüm müdiri.

## ▶ GIRIŞ

Bu kitap Muhammet bin Süleýmanyň möwlasy we halypa Muktadyryň Bulgar (Sakalibe)[1] hökümdaryna ýollan ilçisi Ahmet bin Fazlan bin Abbas bin Reşit bin Hammadyň eseridir. Ýazar bu eserinde türk, hazar, rus, bulgar (sakalibe), başgyrt we beýleki kowumlar barada maglumat berýär.
Ahmet ibn Fazlanyň belläp geçmegine görä, Bulgar (Sakalyp) hökümdary Ilteber Almyş ibn Şilki möminleriň emiri Muktadyra hat ýollaýar. Ol hatynda özlerine yslam dini hakda düşünje berjek, şerigatyň kada-kanunlaryny öwretjek adamlary ibermekligi haýyş edipdir. Şeýle-de ülkesinde öz adyna hutba okadar ýaly münberli metjit we duşmandan goranar ýaly gala gurup bermek üçin, işewür toparyny ýollamagy sorapdyr. Onuň bu islegi hökümdar tarapyndan kabul edýär.
Bu habary ýetiren ilçi Nezir Haramydy[2]. Hökümdara, halypanyň ýollan hatyny, iberen sowgatlaryny gowşurmaklyk bilen birlikde, alymlara we mugallymlara seretmek wezipesi-de maňa ynanyldy. Ol ýerde gurulmaly galanyň çykdajylary, alymlaryň we mugallymlaryň sowalga-harçlyklary üçin hökümdara berilmeli pul Ibn Furatyň[3] ekerançylyk meýdanyndan we Horezmde ýerleşýän Artahuşmaseniň[4] ekerançylyk ýerlerinden berildi. Bulgar (Sakalibe) hökümdary tarapyndan halypa Muktedire iberilen ilçi Abdylla bin Buşty Hazarydyr[5]. Halypa tarapyndan iberilen ilçiniň ýanynda Tegin Türki we Baris Saklabi hem bardy. Olar

bilen bilelikde Nezir Haramynyň wekili Söwsen Rassy[6] we men hem bardym. Meniň ýanymda hökümdara, maşgalasyna, çagalaryna we serkerdelerine gowşurmak üçin ýollanan sowgatlar bardy. Mundan başga-da hökümdaryň Nezir Haramydan soran dermanlaryny ýanyma alypdym.

## ▶EÝRAN WE HORASAN

Hijri ýyl hasaby bilen 309-njy ýylyň Sapar aýynyň 11-ine[7] Penşenbe güni salamatlyk we bagtyýarlyk şäheri Bagdatdan çykyp, ýola düşdük. Nehrewanda bir gün düşläp, ýolumyzy ýene dowam etdik. Biz çalt hereket edip, Deskerä[8] baryp ýetdik. Deskerede üç gün ýatyp, ýene ýola rowana bolduk. Soňra hiç ýerde düşlemän göni Hulwana[9] bardyk. Bu şäherde iki gün bolduk. Ol ýerden Karmysyna[10] tarap ýola düşdük. Karmysynda iki gün ýatyp, Hemedana baryp ýetdik.
Hemedanda üç gün bolduk. Soňra ýol ugrunda Sawa[11] şäherine bardyk. Ol ýerde iki gün ýatyp, ýola düşdük we Reý[12] şäherine baryp ýetdik. Reýde on bir günläp Sulugyň[13] dogany Ahmet ibn Ala[14] garaşdyk. Ahmet bolsa ol wagt Huwary Reýdedi[15]. Biz Reýden Huwary Reýe tarap hereket etdik. Ol ýerde üç gün bolduk. Huwary Reýden Semnana[16], soňra Damgana ýola düşdük. Damganda Dagynyň[17] wekili Ibn Karyna[18] sataşdyk. Biz daş keşbimizi üýtgedip, ýolumyzy kynçylyk bilen dowam etdirýärdik. Ahyrsoňy Nyşapura baryp ýetdik. Şol ýyllarda Leýla ibn Nugman[19] öldürilipdi. Biz ol ýerde Horasanyň goşun serkerdebaşysy Hamawaý Kusany gördük. Soň Nyşapurdan Saragta, Saragtdan hem Merwe geçdik. Merwden Amul çölüniň kenarynda ýerleşýän Kuşmahan diýen ýere bardyk. Kuşmahanda çöle girmänkäk, düýelere dynç bereli diýen pikir bilen üç gün bolduk. Soňra Amula[20] çenli ýaýlyp ýatan ymgyr çöli söküp geçdik.

---

[1] Sakalibe – bu ýerde Ibn Fazlan bulgarlary Sakalibe (Slowýan) diýip atlandyrýar.
[2] Nezir Haramy – taryh kitaplarynda berlişine görä, Nezir Haramy halypa Muktediriň köşgünde işlän hyzmatkärlerden

biriniň ady. Tekstde onuň ilçidigi nygtalýar.
[3] Ibn Furat – halypa Muktediriň döwründe hijrniňi 296-312-nji ýyllarynda (908-924) wezir bolýar. Hijriiň 312-nji ýylynda Muktediriň buýrugy bilen öldürilýär.
[4] Artahuşmisen – Hywanyň demirgazyk- gündogarynda ýerleşen şäherçäniň ady.
[3] Abdylla bin Buşty Hazary – bu adamyň hazar musulmanlarynyň syýasy wekili bolmagy mümkin.
[5] Söwsen Rassy –bu al-Saby tarapyndan ýatlanylyp geçilýän Söwsen al-Hajyp bolmalydyr.
[6] Milady hasaby bilen 921-nji ýylyň iýun aýynyň 21-ine.
[7] Deskere – Bagdadyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýär. Ol bu ady göterýän akabanyň kenarynda gurlan şäherdir.
[8] Hulwan – Jibäliň serhedinde Diýala derýasynyň kenarynda gurlan şäheriň ady.
[9] Karmysyn – häzirki Kermanşa şäheri. Ol Dinaweriň golaýynda ýerleşipdir.
[10] Sawa – Hemedan bilen Reýiň aralygynda ýerleşen şäheriň ady.
[11] Reý – Tähranyň golaýynda ýerleşen gadymy şäheriň ady. 1 Suluk – Muhammet bin Aly Deýlemliniň lakamy.
[12] Ahmet bin Aly – Sulugyň dogany bolup, 311-nji hijri (923-924-nji ýyllar) ýylynda Ýusup bin Abussaç tarapyndan öldürilýär.
[14] Huwary Reý – Tähranyň gündogaryndaky Kumys welaýatynda ýerleşen şäheriň ady.
[15] Semnan – Elbrus dagynyň eteginde, Huwary Reýiň demirgazyk gündogar tarapynda ýerleşen şäheriň ady. Damgan – Semnanyň demirgazyk gündogarynda ýerleşen şäheriň ady.
[16] Dagy – bu ýerde agzalyp geçilýän Dagy Sagyr Hasan bin Kasym bolup, 316-njy hijri ýylynda (milady senesi boýunça 928-nji ýylda) Asfar Jili tarapyndan öldürilýär.
[17] Ibn Karyn – Şerwim bin Rüstem ibn Karyndyr.
[18] Leýla bin Nugman – ol deýlemilerden bolup, Utrum we Hasan ibn Kasymyň goşunbaşysydyr. Leýla bin Nugman hijri ýyl hasaby bilen 309-njy ýylda (921-nji ýylda) samanylaryň serkerdebaşysy Hamawaý Kusa tarapyndan öldürilýär.

[19] Kuşmahan – Merw bilen Amulyň aralygynda Amul çölüniň kenarynda ýerleşen obanyň ady.
[20] Amul – Lebap welaýatynda Türkmenabat şäheriniň golaýynda ýerleşen gadymy şäher. Ýol ýazgylary